**Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:**
**— BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!**

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar
№ 45 (128) 2025-nji ýylyň 30-njy apreli

Syýasy habarlar

# HEPDÄNIŇ MÖHÜM WAKALARY



***21-nji aprelde*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary T.Atahallyýewiň hem-de welaýatlaryň häkimleriniň gatnaşmagynda sanly ulgam arkaly iş maslahatyny geçirdi. Onda ýurdumyzyň oba hojalyk toplumynda we sebitlerde alnyp barylýan işler bilen baglanyşykly meselelere garaldy.

* * *

***21-nji aprelde*** Ulan-Bator şäherinde şäherinde Mongoliýanyň Hökümet öýünde Türkmenistanyň Mongoliýadaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi (oturýan ýeri Pekin ş.) P.Durdyýewiň Mongoliýanyň Prezidenti Uhnaagiýn Hurelsuha ynanç hatyny gowşuryş dabarasy geçirildi.

* * *

***22-nji aprelde*** paýtagtymyzyň «Ýyldyz» myhmanhanasynda ÝHHG-niň 50 ýyllygyna hem-de Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasynyň ýörite kararnamasy esasynda yglan edilen Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylyna bagyşlanan «ÝHHG – Parahatçylyga we ynanyşmaga gönükdirilen ählumumy howpsuzlyk boýunça borçnamalaryň 50 ýyllygy» atly forum geçirildi.

* * *

***23-nji aprelde*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Horwatiýa Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Hrwoýe Swetanowiçden ynanç hatyny kabul etdi. Milli parlamentiň ýolbaşçysy döwlet Baştutanymyzyň adyndan ilçini jogapkärli wezipä bellenilmegi bilen gutlap, oňa iki ýurduň arasynda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak boýunça alyp barjak işlerinde üstünlikleri arzuw etdi.

* * *

***25-nji aprelde*** Manama şäherinde Patyşanyň köşgünde Türkmenistanyň Bahreýn Patyşalygyndaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly Ilçisi (oturýan ýeri Er-Riýad şäheri) O.Çaryýewiň Bahreýniň Patyşasy Hamad bin Isa Al Halifa ynanç hatyny gowşuryş dabarasy geçirildi.

* * *

***27-nji aprelde*** Aba Annaýew adyndaky Halkara atçylyk akademiýasynda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda Türkmen bedewiniň milli baýramy mynasybetli dabaralar geçirildi. Onuň çäklerinde «Ýylyň iň owadan ahalteke bedewi» atly halkara gözellik bäsleşiginiň we döredijilik işgärleriniň arasynda yglan edilen bäsleşigiň ýeňijilerini sylaglamak dabarasy boldy.

* * *

***27-nji aprelde*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Günorta Afrika Respublikasynyň Prezidenti Siril Ramafosa we ýurduň ähli halkyna Günorta Afrika Respublikasynyň milli baýramy — Azatlyk güni mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi.

* * *

***28-nji aprelde*** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň tabşyrygy boýunça Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa Kolumbiýa Respublikasynyň Türkmenistanda täze bellenen Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Ektor Isidro Arenas Neýradan ynanç hatyny kabul etdi.

* * *

***27 – 29-njy aprelde*** Arkadag şäherinde Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (YHG) durnukly ösüş boýunça ministrler derejesindäki birinji forumy geçirildi. Bu möhüm köptaraplaýyn duşuşygyň maksady 2030-njy ýyla çenli döwür üçin durnukly ösüş ulgamynda Gün tertibini durmuşa geçirmekden ybaratdyr.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# МЕЖДУНАРОДНАЯ ТОРГОВЛЯ И УСЛУГИ

***В новую историческую эпоху проведение социально-экономических реформ, внедрение инструментов и принципов рыночных отношений в национальную экономику привели к её экономическому подъему. Это нашло отражение в динамичном развитии внутренней торговли с применением современных методов ведения бизнеса и предоставления услуг, а также в особой роли международного сотрудничества в этой области. В этом контексте проведение с 29 апреля по 1 мая 2025 года в Торгово-промышленной палате выставки-ярмарки «Международная торговля и услуги» и международной конференции «Обеспечение качества в соответствии с международными стандартами в Туркменистане» имеет важное значение.***

Как было сообщено на заседании Кабинета Министров Туркменистана, состоявшемся 18 апреля текущего года, в выставке планируется участие организаций торгового комплекса страны, соответствующих министерств, отраслевых управленческих органов, членов Союза промышленников и предпринимателей Туркменистана, а также зарубежных компаний и организаций. В рамках мероприятия предусмотрено проведение консультационных встреч и деловых переговоров с участием международных экспертов по таким вопросам, как развитие экспорта, цифровой маркетинг, требования к сертификации. На участие в международной конференции зарегистрированы 63 компании и организации из 27 стран мира. В этой связи глава государства обратил внимание на необходимость тщательной подготовки к выставке и форуму и дал соответствующие поручения.

Как известно, торгово-экономическое сотрудничество Туркменистана с зарубежными странами последовательно развивается. Повышается конкурентоспособность товаров, достигаются хорошие результаты в обеспечении изобилия товаров на внутреннем рынке и в расширении внешней торговли. Продукция с маркировкой «Сделано в Туркменистане» сегодня широко известна на мировых рынках и отличается высоким качеством и надёжностью. Следовательно, нынешний форум вновь подтвердит важную роль сферы торговли и услуг в развитии экономики страны.

Благодаря усилиям Героя-Аркадага и под мудрым руководством уважаемого Президента успешно реализуются государственные программы, концепции и планы, что обеспечивает высокий уровень инвестиционной активности в экономике страны. Государственная поддержка совершенствования рыночных отношений и динамичного развития частного сектора приносит высокие результаты. Следует отметить, что среди участников выставки-ярмарки и международной конференции есть и зарубежные компании, которые на протяжении многих лет сотрудничают с нашей страной и активно участвуют в реализации совместных инвестиционных проектов.



Таким образом, данный форум предоставит возможность оценить развитие торгового сектора, достижения в области электронного товарооборота, современных услуг и других направлений, успехи национальной экономики, экспортные возможности отечественных производителей и достижения в международном сотрудничестве.

***Сульгун НЕПЕСОВА,***
преподаватель Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана.

# THE DOCTRINE OF NEUTRALITY IN TURKMENISTAN:

## LEGAL FOUNDATIONS, FOREIGN POLICY, AND GLOBAL SIGNIFICANCE

**The doctrine of neutrality in Turkmenistan constitutes the core pillar of its foreign policy and international identity. Officially recognized by the United Nations in 1995, Turkmenistan's permanent neutrality has since shaped its diplomatic strategies, international engagements, and national development. This article explores the historical, legal, and political dimensions of Turkmenistan's neutral status, its implementation in regional and global contexts, and its contribution to international peace and stability.**

The doctrine of neutrality in Turkmenistan constitutes the core pillar of its foreign policy and international identity. Officially recognized by the United Nations in 1995, Turkmenistan's permanent neutrality has since shaped its diplomatic strategies, international engagements, and national development. This article explores the historical, legal, and political dimensions of Turkmenistan's neutral status, its implementation in regional and global contexts, and its contribution to international peace and stability.

On December 12, 1995, the United Nations General Assembly adopted the Resolution A/RES/50/80, granting official recognition to the permanent neutrality of Turkmenistan. This status was declared following Turkmenistan's independence from the Soviet Union in 1991 and was rooted in the nation's desire to pursue a sovereign, peaceful, and balanced foreign policy amid shifting geopolitical dynamics in Central Asia.

The neutrality of Turkmenistan is enshrined in its Constitution and serves as the guiding principle of its national diplomacy, reinforced by domestic legislation and presidential declarations. The resolution adopted by 185 UN member states affirms that Turkmenistan shall not participate in military alliances, host foreign military bases, or interfere in the internal affairs of other states. Turkmenistan's permanent neutrality represents a unique diplomatic experiment in the modern world order. It offers an alternative model for small states seeking to maintain sovereignty, security, and peaceful development without becoming entangled in geopolitical rivalries. While the policy of neutrality comes with its limitations, its consistent implementation and international recognition make it a valuable case study in contemporary diplomacy.

Turkmenistan has developed a multifaceted youth strategy that encompasses national development programs and active participation in international forums. This article examines the key components of Turkmenistan's youth policy, highlighting recent engagements such as the ECOSOC Youth Forum and the Central Asian Youth Dialogue in New York. Additionally, it explores the role of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan in preparing students for diplomatic careers through international internships.

Youth development is a cornerstone of Turkmenistan's national policy. Recognizing the pivotal role of young people in shaping the nation's future, Turkmenistan has implemented comprehensive strategies to empower youth domestically and engage them on the international stage.

***National Youth Policy Framework***

Turkmenistan's commitment to youth development is institutionalized through several key legislative and strategic documents:

— Law on State Youth Policy (2013): This law outlines 15 areas crucial to youth development, including education, health, employment, cultural engagement, and international cooperation. It targets individuals aged 14 to 30, emphasizing their active participation in the socio-economic and political life of the country.

— State Program on Youth Policy (2021–2025): Developed in collaboration with UN agencies such as UNFPA, UNDP, and UNICEF, this program focuses on promoting patriotism, enhancing education and employment opportunities, encouraging healthy lifestyles, and strengthening youth participation in governance and decision-making.

— Strategy for International Cooperation of Youth (2023–2030): Approved in 2023, this strategy aims to foster international youth partnerships, encourage participation in global forums, and align with global initiatives like the UN Youth 2030 Strategy.

***ECOSOC Youth Forum 2025***

In April 2025, a delegation of youth from Turkmenistan, led by the Deputy Minister of Education Azat Atayev, participated in the ECOSOC Youth Forum held at the United Nations Headquarters in New York. The forum provided a platform for young people to engage in policy discussions, share their views, and contribute to the implementation of the Sustainable Development Goals (SDGs). Turkmenistan's participation underscored its commitment to integrating youth into global development agendas.

***Central Asian Youth Dialogue***

On April 16, 2025, Turkmenistan chaired the second meeting of the Central Asian Youth Dialogue at the UN Headquarters. This event brought together youth representatives and officials from Central Asian countries to discuss regional cooperation, peacebuilding, and the implementation of UN Security Council Resolution 2250 on Youth, Peace, and Security. Turkmenistan's leadership in this dialogue highlights its role in promoting youth diplomacy and regional integration.

The Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan plays a crucial role in training future diplomats and international specialists.

— Academic Programs: The institute offers programs in international relations, international law, international economic relations, and international journalism, providing students with a comprehensive understanding of global affairs.

— International Internships: Since 2013, fifth-year students have participated in 12-week internships at Turkmenistan's diplomatic missions abroad. These internships offer practical experience in diplomatic work and international relations, enhancing students' professional competencies.

— Sustainable Development Education: The institute established the Scientific and Methodological Center for the Sustainable Development Goals in 2017. This center conducts training sessions and competitions to raise awareness of the SDGs among students and the broader community, fostering a culture of sustainability and global responsibility.

Turkmenistan's youth strategy is characterized by a holistic approach that combines national policy initiatives with active international engagement. By investing in education, promoting international cooperation, and providing practical training opportunities, Turkmenistan is cultivating a generation of informed, skilled, and globally connected youth poised to contribute to both national development and global progress.

***Resul GYLYJOV,***
the 4th year student of the Faculty of International Economic Relations.

*Hoşniýetli hyzmatdaşlyk*

# DÖWLETARA WE SEBIT HYZMATDAŞLYGYNDA TÄZE SAHYPA

***Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylymyzda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan Watanymyz dünýä döwletleri bilen dostluk, hoşniýetlilik, ynanyşmak esasynda ýola goýlan gatnaşyklary barha pugtalandyrýar. Ýakynda Milli Liderimiziň Gazagystana, Gyrgyz Respublikasyna hem-de Özbegistana dostlukly saparlary amala aşyrmagy döwletara gatnaşyklaryň strategik esasda ösdüriljekdiginiň aýdyň beýanydyr. Bu bolsa «Dialog — parahatçylygyň kepili», «Ösüş arkaly parahatçylyk» ýörelgeleriniň ýurdumyzyň daşary syýasatynda uly orny eýeleýändigine nobatdaky gezek şaýatlyk edýär.***

Milli Liderimiz: «Häzirki wagtda şöhratly ata-babalarymyzyň döwürleriň hem-de nesilleriň arasyndaky arabaglanyşygy saklamakda möhüm orny eýeleýän asylly däpleri mynasyp dowam etdirilýär» diýip belleýär. Halkymyzyň gadymdan gelýän däp-dessurlarynyň esasyny düzýän hoşniýetli goňşuçylyk gatnaşyklaryny pugtalandyrmak ýaly ajaýyp ýörelgeler Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe has-da dabaralandyrylyp, Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň tagallalary bilen täze derejelere çykarylýar. Sebit gatnaşyklarynda möhüm orny eýeleýän döwletlere dostlukly saparlaryň amala aşyrylmagy bolsa özara bähbitli hyzmatdaşlygy has-da ösdürmäge uly mümkinçilik berýär.



Gahryman Arkadagymyzyň Özbegistan Respublikasyna dostlukly saparynyň çäklerinde «Ýokary derejeli dostluk» («Oliý Darajali Dustlik») ordeni bilen sylaglanmagy iki halkyň gadymdan gelýän hoşniýetli gatnaşyklarynyň ösdürilmeginde täze mümkinçilikleriň açylýandygyny alamatlandyrýar. Çünki Gahryman Arkadagymyzyň nygtaýşy ýaly, biziň halklarymyz asyrlaryň dowamynda kemala gelen, nesillerden-nesillere geçirilip gelinýän baý medeni we ruhy mirasa eýedir. Şeýle-de dostlukly saparyň çäklerinde ýakyn wagtda türkmen-özbek serhedinde «Farap — Olot» ulag-logistika merkezini döretmek, bu işe dünýäniň iri ulag kompaniýalaryny, halkara maliýe institutlaryny çekmek meselesine garalyp geçilmegi bolsa ulag diplomatiýasyna aýratyn üns berilýändiginiň aýdyň nyşanydyr.

Halkara gatnaşyklary parahatçylykly ýol bilen pugtalandyrmakda ägirt uly işleri durmuşa geçirýän türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ata Watanymyzyň halkara abraýyny has-da belende galdyrmakda alyp barýan beýik işleri elmydama rowaçlyklara beslensin!

***Perhat MÄHREMOW,***
Halkara gatnaşyklary we diplomatiýa kafedrasynyň mugallymy.

*25-nji aprelde Aşgabat şäherindäki ýöriteleşdirilen 131-nji orta mekdepde okuwçylaryň arasynda geçirilen II halkara matematika olimpiadasy üstünlikli jemlendi. Umumylykda, olimpiada gatnaşyjylar A we B derejeler boýunça medallaryň jemi 101-sine mynasyp boldular.*

# НЕЙТРАЛИТЕТ – ВЫСШЕЕ ПРОЯВЛЕНИЕ ИСКОННЫХ МИРОЛЮБИВЫХ ТРАДИЦИЙ ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА

*Амангельды РАХМАНОВ,*
*Заведующий кафедрой Института международных отношений МИД Туркменистана,*
*Заслуженный дипломат Туркменистана,*
*Чрезвычайный и Полномочный Посланник Советского Союза,*
*Чрезвычайный и Полномочный Посол Туркменистана,*
*кандидат философских и доктор исторических наук, профессор.*



**(Начало в прошлом номере).**

Особое внимание дальнейшему развитию превентивной дипломатии уделяла и Национальная Программа социально-экономического развития Туркменистана на 2022–2052-е годы. В этом документе отмечалось, что «в будущем Туркменистан в системе превентивной дипломатии и предотвращения разногласий, обеспечении всеобщего мира и во всех международных делах будет одним из передовых государств мира».

Таким образом, весомые результаты деятельности Центра и единогласное принятие 72-й сессией Генеральной Ассамблеи ООН 17 ноября 2017 года резолюции «Роль Регионального центра ООН по превентивной дипломатии для Центральной Азии», еще раз свидетельствовали о действенности этой политической структуры, способной оказать странам Центральной Азии помощь противостоять возникающим в регионе угрозам и вызовам, своевременно переводить споры и противоречия в переговорное русло, а также всесторонней поддержке мирового сообщества практики превентивной дипломатии как эффективного инструмента миротворчества.

В то же время следует отметить, что и сама политика нейтралитета Туркменистана по своей природе имеет миротворческую, посредническую силу. И как было отмечено нами в начале статьи, миротворческие принципы туркменской дипломатии берут свои истоки из глубин далеких веков и основаны на богатейшем наследии, национальных обычаях и традициях нашего народа. Мы хорошо помним и о том, как уже в 90-е годы прошлого столетия в столице нашей страны под эгидой ООН состоялась серия переговоров, сыгравших важную роль в достижении мира и согласия в Таджикистане, а также о том, как Ашхабад стал местом проведения переговоров по урегулированию внутриафганского конфликта.

В нынешних непростых международных условиях значение миротворческого направления внешней политики Туркменистана для мирного разрешения споров особенно возрастает. Поэтому для более результативного ведения миротворческой работы, на взгляд автора, было бы целесообразно создание в системе МИД нашей страны Группы дипломатов, которые способны применять всеобъемлющий подход для управления конфликтными ситуациями.

***Инициатива Туркменистана о разработке Стратегии глобальной безопасности. Особый акцент Туркменистана на вопросах Региональной безопасности. Повышение значения нейтральной политики Туркменистана. Необходимость активного развития нейтралитета. Приоритетные задачи дипломатической службы в обеспечении эффективности нейтральной политики страны, в том числе ИМО МИД Туркменистана в подготовке дипломатического персонала.***

С трибуны ГА ООН инициативу о разработке Стратегии глобальной безопасности Туркменистан выдвинул в 2023 году. Потому что в концептуальном плане Стратегия являлась логическим звеном утверждения принципов мира и доверия. Потому в этот документ было включено несколько направлений деятельности ООН: а именно – **превентивная дипломатия** как инструмент предотвращения и нейтрализации конфликтов; **использование потенциала нейтралитета** для мирного, политико-дипломатического урегулирования споров и противоречий; **восстановление культуры доверительного диалога**.

В контексте Стратегии глобальной безопасности Туркменистан в Международном году мира и доверия сделал особый акцент также на вопросах Региональной безопасности. Потому что наша страна хотела, чтобы к проблемам Центральной Азии и сопредельных регионов, всему существующему здесь комплексу проблем – и прежде всего политических, социальных, гуманитарных, экологических, энергетических, вопросов водопользования придавалось самое внимательное отношение. А это означало, что наступило время для запуска полноформатного, многоуровневого и системного диалога по линии Центральная Азия — ООН.

Говоря о региональной безопасности, следует учитывать и тот факт, что Туркменистан также является прикаспийским государством и соответственно, все это в целом позволяет рассмотреть возможность создания на территории Туркменистана двух центров миротворческой деятельности.

Неуклонно повышается также значение самой нейтральной политики Туркменистана. Принятая по инициативе нашей страны в феврале 2017 года 71-ой сессией ГА ООН Резолюция о провозглашении 12 декабря «Международным днем нейтралитета» стала очередным признанием международным сообществом весомого вклада нейтральной внешней политики и дипломатии Туркменистана в деле укрепления мира, безопасности и устойчивого развития в регионе, свидетельством все возрастающей важности международного опыта туркменской модели нейтралитета для развития современной системы международных отношений.



Резолюция об установлении Международного дня нейтралитета с самого начала притягивала к себе интенсивное внимание как на региональном, так и на международном уровнях. Многие организации, начиная с ООН, признали важность этого дня. К примеру, Организация тюркских государств (ОТГ), ранее известная как Совет сотрудничества тюркоязычных государств (Turkic Council), выпустила заявление, в котором высоко оценивала эту инициативу Туркменистана и подчеркивала, что будет развивать сотрудничество с Туркменистаном на условиях, которые эта страна предпочитает. В целом, в соответствии с вышеназванной Резолюцией, государства-члены ООН ежегодно отмечают 12 декабря как Международный день нейтралитета.

О повышении значения нейтральной политики Туркменистана свидетельствует также создание по инициативе нашей страны Группы друзей нейтралитета на площадке ООН. К этой идее уже присоединились десятки стран, которые заинтересованы в глубоком осознании многозначного характера нейтралитета и возможностей для построения мирного и безопасного будущего.

Также, целенаправленная политика, проводимая Туркменистаном в международном пространстве как пример развития и результативного сотрудничества, заключается также в активном развитии нейтралитета. В этом контексте дальнейшему усилению благотворного процесса нейтралитета Туркменистана будет серьезно способствовать практическая реализация в течение будущих 30-ти лет (2022 – 2052 годы) такого стратегического направления внешней политики Туркменистана как «Развитие и продвижение нейтралитета Туркменистана в мировом пространстве».

**(Продолжение следует).**

*Каждое орудие труда приносит наивысшую пользу в руках того, кто его как можно глубже изучил, кто им владеет как мастер.*
**Лев УСПЕНСКИЙ**

*Мир, счастье, братство людей — вот, что нужно нам на этом свете!*
**Марк ТВЕН**

# «PARAHATÇYLYGYŇ ÝAŞ ÇAPARLARY»:

## IV möwsüminiň II ýarym final oýny geçirildi

2025-nji ýylyň 25-nji aprelinde Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda ýaşlaryň arasynda parahatçylyk, diplomatiýa, halkara gatnaşyklary bilen baglanyşykly düşünjeleri ösdürmek, olaryň logiki pikirlenme we bilim derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen guralýan «Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylygy dörediji diplomatiýasy: netijeli hyzmatdaşlygyň we durnukly ösüşiň ygtybarly guraly» atly umumy şygar astynda geçirilýän IV möwsüminiň II ýarym final oýny geçirildi.

Akyl-paýhas bäsleşiginiň II ýarym final oýny «Türkmen halkynyň Milli Lideriniň parahatçylyk we ynanyşmak filosofiýasynyň halkara Bitaraplyk syýasatynyň kämilleşmeginde binýatlyk ähmiýeti» atly tema bagyşlanyldy. Bu bäsleşik hormatly Prezidentimiz tarapyndan öňe sürülýän parahatçylyk söýüjilikli syýasatyň  we halkara gatnaşyklarynyň dostlukly esasda ösdürilmegine gönükdirilen tagallalarynyň ýaş nesilleriň arasynda wagyz edilmegine uly itergi berdi.

«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» atly akyl-paýhas bäsleşiginiň IV möwsüminiň II ýarym final oýnuna Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň 12-nji synp okuwçysy Ýusupbaý Ýanabaýew, 11-nji synp okuwçysy Jeýhun Hojageldiýew, Aşgabat şäheriniň daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 89-njy orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Oguzhan Serdarow, Aşgabat şäheriniň daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwredýän 52-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Resul Baýmyradow, Aşgabat şäheriniň Büzmeýin etrabynyň 98-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Güýçmyrat Gulamow, Arkadag şäheriniň iňlis diline ýöriteleşdirilen 4-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Jemal Hallyýewa, Mary welaýatynyň Sakarçäge etrabynyň Şatlyk şäherindäki takyk we tebigy ugurlaryna ýöriteleşdirilen 43-nji orta mekdebiniň 10-njy synp Nurmuhammet Ýazmuhammedow, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 24-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Arzuw Şyhyýewa dagy gatnaşdylar.





«Pähimdarlar geňeşiniň» agzalary gelen netijelerine görä, Aşgabat şäherindäki Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky ýöriteleşdirilen umumybilim berýän mekdep-internatynyň 11-nji synp okuwçysy Jeýhun Hojageldiýew, Aşgabat şäheriniň daşary ýurt dillerini çuňlaşdyryp öwredýän 52-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Resul Baýmyradow, Arkadag şäheriniň iňlis diline ýöriteleşdirilen 4-nji orta mekdebiniň 11-nji synp okuwçysy Jemal Hallyýewa, Daşoguz welaýatynyň Daşoguz şäherindäki daşary ýurt dillerine ýöriteleşdirilen 24-nji orta mekdebiniň 12-nji synp okuwçysy Arzuw Şyhyýewa dagy ýeňiş gazanmagy başardylar.

Ýarym final duşuşyklarynda ýaşlar giň dünýägaraýşyny, diplomatik pikirleniş ukybyny we halkara gatnaşyklaryndaky möhüm ýörelgelere çuňňur düşünýändigini görkezmegi başardylar.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# TÜRKMENISTAN — ÝUNESKO:

## MEDENI DIPLOMATIÝA DABARALANÝAR

Ylym-bilim ulgamy Türkmenistan Watanymyzyň döwlet syýasatynyň möhüm ugurlarynyň biri bolmak bilen, bu babatda ýurdumyzyň iň esasy hyzmatdaşlarynyň biri hökmünde ÝUNESKO çykyş edýär. ÝUNESKO hem bilimi, ylmy we medeniýeti ösdürmek arkaly Ýer ýüzünde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmek ugrunda netijeli iş alyp barýan halkara guramadyr.

Ýurdumyzyň birnäçe ýokary okuw mekdeplerinde ÝUNESKO kafedralarynyň we klublarynyň açylmagy hyzmatdaşlygyň oňyn netijesidir. Olaryň baş wezipesi ýurdumyzda sebit döwletleriniň ÝUNESKO klublary bilen aragatnaşyklary ýola goýmak, medeni-taryhy gymmatlyklary gorap saklamak, tebigaty goramak bilen birlikde halkara guramasynyň ugurlaryny ösdürmegi dowam etmekden ybaratdyr.

Hut şol maksat bilen hem, 2025-nji ýylyň 14-15-nji aprelinde ÝUNESKO-nyň işleri barada Türkmenistanyň Milli toparynyň Sekretariatynyň referentinden we Türkmenistanyň ÝUNESKO klublarynyň we kafedralarynyň ýolbaşçylaryndan ybarat wekiliýet Gazagystan Respublikasynyň köp ýyllardan bäri hereket edip gelýän öňdebaryjy ÝUNESKO-nyň klublar Federasiýasynyň we ÝUNESKO Kafedralarynyň tejribesini öwrenmek maksady bilen Almaty şäherinde iş saparynda boldular.



Türkmen wekiliýeti Almaty şäherinde ýerleşýän orta, ýokary, döredijilik we sungat mekdepleriniň binýadynda döredilen ÝUNESKO klublaryna baryp, olaryň köp ýyllyk alyp barýan işleri bilen tanyşdylar. Ilki bilen «Дом Школьников №6» binýadynda döredilen ilkinji ÝUNESKO klubuna bardylar. Bu mekdep 1958-nji ýylda gurlup, 1973-nji ýylda onuň düzüminde ÝUNESKO kluby açyldy hem-de 2020-nji ýylda ÝUNESKO-nyň klublar Federasiýasynyň agzasy boldy. Şeýle-de A.Kasteýew adyndaky sungat we tehniki dizaýn mekdebi – ÝUNESKO klubunyň alyp barýan işleri bilen tanyşdyryldy. Al-Faraby adyndaky Gazagystan Milli uniwersitetiniň Halkara gatnaşyklary fakultetiniň binýadynda döredilen «Taleýran» ÝUNESKO klubunda iki dostlukly ýurduň ÝUNESKO klublarynyň wekilleriniň arasynda geçirilen duşuşyklarda ikitaraplaýyn hyzmatdaşlyk etmek boýunça birnäçe teklipler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Duşuşyklaryň netijesinde iki ýurduň ÝUNESKO klublarynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ÝUNESKO klublarynyň Türkmen Milli Federasiýasynyň döredilmegine ýardam etmek, Gazagystan Respublikasynda we Türkmenistanda hereket edýän ÝUNESKO klublarynyň arasynda tejribe alyşmak boýunça ýerine ýetiriljek çäreleriň taslamasyny düzmek, Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynyň «Parahatçylyk medeniýeti» atly ÝUNESKO kluby we Al-Faraby adyndaky Gazak Milli uniwersitetiniň Halkara gatnaşyklary fakultetiniň binýadynda döredilen «Taleýran» ÝUNESKO kluby bilen ikitaraplaýyn gatnaşyklary ýola goýmak, şeýle hem iki ýurduň ýaşlarynyň arasynda has işjeň we netijeli aragatnaşygy guramak üçin geçirilýän halkara çärelere gatnaşmaklarynyň mümkinçiliklerini ýüze çykarmak ýaly esasy ugurlar kesgitlenildi.

Gazagystan Respublikasyna guralan ýurdumyzyň ÝUNESKO kafedralarynyň we klublarynyň ýolbaşçylarynyň iş sapary alnyp barylýan işleriň halkara talaplara görä netijeli ýola goýulmagynda we olaryň halkara hyzmatdaşlygyny giňeltmekde möhüm ädim boldy. Biziň hünär taýdan kämilleşmegimiz üçin şeýle ajaýyp mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň janlary sag, ömürleri uzak bolsun, il-ýurt bähbitli ähli tutumly işleri rowaçlyklara beslensin!

***Aýgözel ÖWEZOWA,***
Dünýä dilleri kafedrasynyň uly mugallymy, «Parahatçylyk medeniýeti» atly ÝUNESKO klubunyň başlygy.

*«Parahatçylygyň ýaş çaparlary» akyl-paýhas bäsleşiginiň IV möwsüminiň final oýny 2025-nji ýylyň 7-nji maýynda «Bitarap Türkmenistanyň parahatçylygy dörediji kuwwatynyň dabaralanmagy» temasy boýunça geçiriler.*

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Baş redaktor
Täzegül AÝAZOWA
Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
Jogapkär kätip: B.Garaýew.
Jogapkär kätibiň orunbasary: A.Kaşaňow.
Bölüm müdiri: J.Öwezowa.
Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, O.Çaryýarowa, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.
Korrektorlar: A.Döwletowa, M.Orazdurdyýewa.
Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa, O.Amanmuhammedowa.
Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.
E-mail: hgi.redaksiya@gmail.com